# Hasrata teselli setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hasrata teselli setirler HASRATA TESELLI SETIRLER

Oýlandym oturdym,
Ötenler hakda.
Mazarda ses bermän,
Ýatanlar hakda.

Bu gün ötenleri,
Ýatlamak gerek.
Eger-de bar bolsa,
Diride derek.

Beriñ hudaýýoly,
Gazanyñ sogap.
Birne däl, hemmä-de,
Ediñ siz togap.

Galdyryñ töwiri,
Mamalar üçin.
Hak işe baş goşan,
Danaher üçin.

Ömri gysga bolan,
Agalar üçin.
Bigünä neresse,
Çagalar üçin.

Galdyryñ ýene-de,
Babalar üçin.
Arzuwy ir öçen,
Sonalar üçin.

Perzendin ösdürip,
Toýuny görmän.
Orta ýolda giden,

Eneler üçin.

Gapyllykda galyp,
Biajal ölen.
Sansyz ýiten,
Ýene-ýeneler üçin.

Edilsin hemaýat,
Çekene jepa.
Goýulsa sarpalar,
Hasrata wepa.

Düýnki hasrata,
Gaplanan göwün.
Hatyra gününde,
Çözülsin düwün.

Ajy gözýaşlaryñ,
Kesilsin yzy.
Toý üçin atylsyn,
Gazanyñ duzy.

Akbibi JANMÄMMEDOWA,
Türkmenistanyñ Milli taryhy we etnografiýa muzeýiniñ ylmy işgäri.

«WATAN» gazeti, 1995 ý. Goşgular